# Güýz ýagşy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Güýz ýagşy GÜÝZ ÝAGŞY

Uzak gije ýagdy, dürüni döküp,
Düýn öýlän başlanan güýzüň ýagyşy.
Ýuwaşja pitikläp, aýnamy kakyp,
Oň ýüzüne çekýär täsin nagyşy

Menem ýarygije, ukydan bizar,
Penjireden sessiz seredip durun.
Gaýgy ýok, ýüregem berenok azar,
Bir salym unutdym aladaň baryn.

Ýag,ýagyş, ýag penjirämi nagyşlap,
Derde derman nemiň ýüzüme çaýyp,
Sary ýapraklar deý, ülkämi taşlap,
Gam-gussalar uçup gitsinler gaýyp.

Uzak gije seni synlap duraýyn,
Güýz ýagşynyň çalýan sazy ajaýyp,
Bu goşgynam, saňa sowgat bereýin,
Kämil däl, ýöne sen, etmegin aýyp.

Waspyňy ýazmaga söz baýlygym az,
Söýýärin, söýýärin seni, altyn güýz!

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular